**14-15 üçin Wagtlaýyn Strategiýa Belligi boýunça Netijeler**

**Makroykdysady Staistika**

Halkara Deňeşdirme Meyilnamasy (HDM) **:** GMH meýilnamasy HDM metodologiýasyny paýlaşmaga kömek etdi, harytlaryň milli görkeziliş sanawyny işläp düzmäge, içerki umumy önümiň (IUÖ) HDM deňeşdirilmesi üçin hemmetaraplaýyn çykdajylaryň synplaşdyrylmaga; we (b) programma üpjünçiligunu işläp düzmek we Döwlet Statistika Komitetinden saýlanan işgärlerine maglumatlary seljeriş boýunça hünäri bermek, Türkmenistany HDM-niň indiki tapgyryna gatnaşmaga mümkinçilik berer. HDM barada giňişleýin maglumat üçin http://icp.worldbank.org/ sahypasyna serediň.

Milli hasaplar-giriş-çykyş jetweli: GMH meýilnamasy Döwlet Statistika Komitetiniň işgärleriniň hünärini ýokarladyrmaga (a) milli hasaplaryň hilini ýokarlandrymak; (b) makroykdysady yzygiderlilik üçin degişli maglumaty seljermek; we (ç) ýurduň resurslarynyň balansyny işläp düzmek, deňeşdirilen artykmaçlygy anyklamak we ösüşe we salgyt girdejisine pudaklara görä girdejisini analiz etmek boýunça goşant goşdy. Bularyň hemmesi gowy hilli ykdysady we durmuş maglumatlary düzmäge we has hem esaslandyrlan kararlaryň alynmagyna kömek edýär.

***Maliýe Pudagynyň Ösüşi***

Bank düzgünleşdirme we gözegçiligi berkitmek: Türkmenistanyň Merkezi Banky (TMB) ýolbaşçylary umuman bank ulgamynda we aýry aýry banklarda stress-testi geçirmek üçin meýdançanyň daşyndaky gurallaryň görnüşlerini we metodologiýasyny ulanýarlar. TMB GMH meýilnamasynyň maslahatalaryny bank ulgamyny halkara iň gowy endiklere gabat getirmek üçin hukuk esasyny kämilleşdirmek üçin ulanýarlar. TMB-y tarapyndan kabul ediljek gözden geçirilen ykdysady normatiwler häzirki wagtda Bazel prinsiplerine gabat gelýärler we bank ulgamynyň durnuklylygyna we aýdyňlygyna öz goşandyny goşar.

Maýa bazarynyň ösdürülmeginde strategiki çemeleşigi işläp düzmek: GMH meýilnamasynyň çäreleri Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 2014-nji ýylyň Noýabr aýynyň 8-ine gymmatly kagyzlar baradaky täze kanunyň çykarlmagy bilen netijelendi. Banklaryň roly barada we gymmatly kagyzlar bazarynyň sertifikatlaşdyrylmak boýunça hünärmenlerine degişli hödürnamalar kärhanalara baha bermäge we olary hususylaşdyrmakda gural bolup çykyş eder.

Töleg ulgamy: GMH meýilnamasy Milli Tölegler Ulgamynyň Strategiýasynyň ösdürülmegine goldaw berdi durmuşa geçirilen wagtynda ulgamyň netijeliligini we ygtyýary artdyrar we nagt puluň azalmagy bilen kagyz ýüzündäki tölegleri, uly möçberli töleg meýilnamalarynyň elektroniki tölege geçişinini elter.

Ätiýaçlandyryş ulgamy: GMH okuw meýilnamasynyň goldamagynda geçirilen okuwy ätiýaçlandyryş ulgamynda işleýän işgärleriň esasy bilimini ýokarlandygmaga kömek etdi. Şol sanda IFRS hasabat çarçuwasynda ätiýaçlandyryş ulgamyndaky şertnamalaryny has gowy düşünmäge we şeýle hem herhili ätiýaçlandyryş bilen bagly meselelerde mysal üçin Germaniýa we Estnoniýa ýaly iň gowy halkara endikler bilen tanyşmaga mümkinçilik döretdi.